# ARKADAG SERDARLY BAGTYÝAR ÝAŞLARYŇ SPORT, SAGDYN DURMUŞ BAŞ ÝÖRELGESIDIR



TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT
BARADAKY DÖWLET KOMITETI

TÜRKMEN DÖWLET BEDENTERBIÝE
WE SPORT INSTITUTY

# ARKADAG SERDARLY BAGTYÝAR ÝAŞLARYŇ SPORT, SAGDYN DURMUŞ BAŞ ÝÖRELGESIDIR

Ylmy-amaly maslahatyň makalalar ýygyndysy

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek, milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda ýaş neslimizi terbiýelemek giň möçberli ylym we bilim özgertmeleriň düýp manysydyr. Bu günki gün dana pederlerimiziň asyrlaryň dowamynda sünnäläp aň-düşünje, ruhy ahlak, pelsepe gymmatlyklaryny özünde jemleýän milli bilim ulgamymyz döwrebap ösdürilýär. Türkmenistan geljege ymtylýan ýurt bolup, biziň nurana geljegimiz ilatyň, hususan-da, ýaş neslimiziň saglygy hakynda hemmetaraplaýyn aýrylmaz aladalar bilen baglanyşyklydyr.

Arkadagly Serdarymyzyň jemgyýetimizde sporty we bedenterbiýäni, sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak boýunça durmuşa geçirýän giň möçberli işleri ýaş türkmenistanlylarda aýratyn hoşallyk döredýär. Hormatly Prezidentimiziň bu ugra uly ähmiýet bermegi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny, beden taýdan kämil nesilleriň terbiýelenmegine oňyn täsirini berýär. Çünki sport sagdynlygyň we gujur-gaýratyň çeşmesidir.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler halkymyzyň, aýratyn-da ýaşlaryň durmuşynda uly özgerişlikleri girizjek täze açyşlara badalga berdi. Ýer ýüzündäki islendik açyş, durmuş özgertmeleri, döwletleriň ösüşi hem ylym-bilime daýanýar. Şoňa görä-de, häzirki wagtda bilimiň özgerýän zamanasynda ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösmegine goşant goşjak ýaş hünärmenleri, ýaş alymlaryň täze neslini kemala getirmäge uly ähmiýet berilýär. Arkadagly Serdarymyzyň öňdengörüjilikli, köpugurly hem-de netijeli işi raýatlarymyzyň her birini buýsandyrýar, olaryň ruhlaryny göterýär, eşretli ertirlere bolan ynamy döredýär, döredijilik işjeňligini barha artdyrýar. Netijede, adamlaryň zähmet çekmäge bolan islegi artýar. Türkmen halky uly ruhubelentlik bilen zähmet çekip, ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşant goşýar.

**Serdar Baýsähetow**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

## SPORT, BEDENTERBIÝE WE DAŞKY GURŞAW

Häzirki döwürde bedenterbiýe we sport çärelerinde daşky gurşawy we tebigaty goramak iň wajyp meseleleriň biridir. Şonuň üçin hem sport ekologiýasynyň we daşky gurşawyň talaplaryny öwrenmek örän möhümdir. Dünýäde Olimpiýa hereketi, köpçülikleýin bedenterbiýe we sport ýaly düşünjelerde ekologiýa uly ähmiýet berilýär. Munuň sebäbi, bedenterbiýäniň we sportuň sagdyn tebigy gurşawa mätäçdigidir. Bedenterbiýe we sport çäreleri daşky gurşawa, tebigata we

adamyň saglygyna zyýan bermän, eýsem, daşky gurşawy goramaga gönükdirilen bolmalydyr.

1994-nji ýylda geçirilen Olimpiýa gurultaýynda sport we medeniýet bilen birlikde “Ekologiýa” Olimpiýa hereketiniň “üçünji sütüni” hökmünde ykrar edildi. Halkara olimpiýa komitetiniň “Sport we daşky gurşaw” topary döredildi, Olimpiýa düzgünnamasyna ekologiýa barada goşmaçalar girizildi. Olimpiýa oýunlarynyň üstünliklerine baha bermekde daşky gurşaw ölçegleri ulanylyp başlandy. 40 ýyldan gowrak wagt bäri Ýewropa Geňeşiniň sport we bedenterbiýe boýunça işi “Hemmeler üçin sport” atly esasy taslamanyň çäginde alnyp barylýar, onda daşky gurşaw meseleleri, ilkinji nobatda, bedenterbiýe, daşky gurşaw howpsuzlygy we sport çäreleri möhüm orna eýedir. Sport we bedenterbiýe desgalary üçin sebitleri we daşky gurşawy meýletin kepillendiriş ulgamynyň (2014-nji ýylda Soçide Olimpiýa oýunlary guralanda) “Ýaşyl standartlary” ulanylyp başlandy.

“Ýaşyl standartlary” ülňüleri ekologiýa taýdan arassa binalaryň ölçeglerini kesgitleýär, olaryň döredilmegi we işlemegi üçin şertleri düzýär. Bedenterbiýe we sport ekomerkezleri giňden ýaýrap, ykjam gazonlaryň topragyna we ot örtügine, sport seýilgählериниň otly ösümliklerine az mukdarda zeper döredýän, güýçli pnewmatik gurluşlara esaslanýan enjamlar gurnalyp başlandy. Olimpiýa oýunlary üçin sport toplumlary, uly sport toplumlarynyň durkunyň täzelenmegi we gurulmagy, köpçülikleýin sportda dünýä we kontinental çempionatlaryň geçirilişi, daşky gurşawa ýetirilýän täsiriniň derňelişi, sebitleriň daşky gurşaw kartasy, daşky gurşawa gözegçilik edilişi ýaly meselelere köp üns berilip başlandy. Sport we bedenterbiýe enjamlaryny öndürmek üçin ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary ösdürmek bilen baglanyşykly meselelere, ekologiýa marketinge we dolandyryş meselelerine berilýän üns artdyryldy.

Dünýäde adamlaryň abadançylygynyň hem-de ählumumy durnukly ösüşiň möhüm şerti hökmünde ekologiýa meseleleriniň ähmiýetine oňat düşünilýär. Türkmenistan bu möhüm wezipeleri çözmäge anyk goşant goşup, uzak geljek üçin niýetlenen, ylmy taýdan esaslandyrylan tebigaty goraýyş strategiýasyny toplumlaýyn durmuşa geçirýär. Ýurdumyzda ekologiýa-sport çäreleri, şol sanda her ýyl giňden bellenilýän Bütindünýä saglyk güni mynasybetli çäreler yzygiderli geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, arassa ekologiýa, saglyk we sport diýen düşünjeler öz aralarynda berk baglanyşyklydyr.

Hormatly Prezidentimiz şäheriň ekologiýasyny gowulandyrmaga hem-de bagy-bossanlyga öwürmäge, Aşgabadyň ýaşaýjylarynyň we myhmanlarynyň iň gelim-gidimli ýerleri bolan seýilgähleri, seýilbaglary, sport toplumlarydyr meýdançalary kadaly ýagdaýda saklamaga, şäherlileriň ýaşaýyş derejesini mundan

beýläk-de ýokarlandyrmaga degişli meseleleri hemişe üns merkezinde saklaýar. Türkmenistan ekologiýa babatdaky halkara namalaryna işjeň goşulmak bilen, sagdyn durmuşyň ýaýbaňlandyrylmagyna köpçülikleýin ylgaw, welosiped sporty, uzak aralyga ýöriş çärelerini yglan etmek bilen ýardam edýär. Gurulýan sport maksatly binalarda ýokary derejeli sport ýaryşlaryny geçirmek üçin ähli mümkinçilikleriň göz öňünde tutulmagy, bu binalaryň daş-töwerekleriniň bagy-bossanlyklar bilen gurşalmagy türgenleriň we şol ugra höweselerleriň netijeli taýýarlyk işleriniň guralmagynyň esaslaryny üpjün edýär. Dynç alyş günlerinde paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda Saglyk ýoluna çykmak çäresi sport ýaryşlary bilen utgaşykly dowam edip, baýramçylygyň şowhuny türgenleriň geljekde gazanjak üstünligini buşlaýar.

**Bägül Çaryýarowa**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty*

## ÝAŞYL DERMANHANA ÖWRÜLEN TÜRKMEN TOPRAGY

Türkmen topragy gadym döwürlerden bäri keramatly hasaplanyp, onuň ösümlik dünýäsi has baýdyr. Gahryman Arkadagymyz şol ösümlik dünýäsini “ýaşyl dermanhana” öwürmekde uly işleri bitirdi. Birnäçe ýyllaryň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” ylmy-ensiklopedik kitabynyň onlarça jildi çapdan çykyp, dürli dillerde halkymyza gowuşdy.

Ensiklopedik sözlükler dil biliminde öwrenilip, ol lingwistik sözlüklerden tapawutlylykda giň okyjylara niýetlenendir. Olarda ylmyň dürli ugurlaryna degişli sözlere, has we jyns at görnüşinde gelen atlar bolup gelen sözlere köptaraply düşündirişler berilýär. Lingwistik sözlüklerde bolsa, sözlere diňe dil nukdaýnazardan düşündiriş berilýär.

Sagdyn durmuşy wagyz etmekde, keselleriň we gaýraüzülmeleriň öňüni almakda, bejermekde, ilatyň saglygyny gorap saklamakda uly ähmiýete eýe bolan, keramatly topragymyzyň dürli ösümlikleriniň ynsan saglygyna melhemlik häsiýeti barada giňden maglumat berýän bu kitap ildeşlerimiziň ýan kitabyna öwrüldi. Alym Arkadagymyz türkmen topragynda ösýän 2000-den gowrak dermanlyk ösümlikleriniň türkmen halk lukmançylygynda giňden ulanylýandygyny belläp, kitapda öň öwrenilmedik hem-de halk lukmançylygynda örän ähmiýetli dermanlyk ösümlikler barada doly we düýpli maglumatlary berýär. Ol ylmy işde pederlerimiziň asyrlar boýy sünnäläp, türkmeniň milli gymmatlygyna öwren, halk lukmançylygynda ulanylýan dermanlyk ösümlikleriň ulanylyş tärleri ylmy esasda öwrenilip, melhemlik häsiýetleri düşündirilýär. Ylma, halk lukmançylygyna hem-de köpýyllyk gözleglere, tejribelere daýanýan kitabyň her jildinde derman-